**№2–hmd №2-maýa goýum formasyna goşundy «Türkmenistanyň Prezidentiniň karary boýunça Aşgabat şäherindäki has möhüm obýektleriň gurluşygyna özleşdirilýän maýa goýumlar barada hasabat» (aýlyk) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**

## GYSGAÇA GÖRKEZMELER

№ 2–hmd forma boýunça hasabaty Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary boýunça Aşgabat şäherindäki has möhüm desgalaryň gurluşygy we maliýeleşdirilişi barada daşary ýurt we ýerli potratçylar bilen şertnama baglaşylan Türkmenistanyň ministrlikleri (pudaklaýyn dolandyryş edaralary) düzýärler. Hasabata girizilýän hasabat döwründe manadyň dollara deň derejeliligi baradaky maglumatlar kärhananyň balansynyň esasynda manadyň amerikan dollaryna görä Türkmenistanyň Merkezi Banky tarapyndan hasabat döwrüniň ahyryna bellenen hümmetinden ugur alyp hasaplanylýar.

2-nji sütünde desganyň ady we onuň ýerleşýän ýeri görkezilýär.

3-nji sütünde Türkmenistanyň Prezidentiniň kararynyň senesi we onuň belgisi görkezilýär.

4-nji sütünde gurluşygyň başlanan we tamamlanýan ýyllary görkezilýär.

5-nji sütünde şu gurluşygy alyp barýan potratçysy görkezilýär.

6-njy sütünde desganyň kuwwatlygy (gatlaryň sany, öýleriň sany, ýaşaýyş jaýlaryň meýdany (umumy/ýaşaýy), söwda meýdany, mekdeplerde okuwçylaryň, çagalar bakjalarynda çagalaryň sany, oturma ýerleriň sany, administratiw binalaryň we kömekçi jaýlaryň gurluşyk meýdany, binalaryň göwrümligi) görkezilýär.

7-nji sütünde gurluşyk desganyň şertnama boýunça gymmaty görkezilýär.

8-nji sütünde gurluşygyň başyndan möçberiniň hakyky özleşdirileni görkezilýär.

9-njy sütünde ýylyň başyndan işleriň möçberiniň hakyky ýerine ýetirileni görkezilýär.

10-njy sütünde hasabat aýynda işleriň möçberiniň hakyky ýerine ýeririleni görkezilýär.

11-nji sütünde hasabat döwründe gurluşygy alnyp barylýan desganyň ýagdaýynyň görnüşi el bilen ýazylýar hem-de gurluşygyň başlanan bäri tölegiň jemi we onuň maliýeleşdiriş çeşmesi görkezilýär.

**Maýa goýumlaryň statistikasy we seljerişi müdirligi**